Internet sahyp üçin düzedip taýýarlan ; Timur Kor

# § 1. Ses we harp.

## l-nji gönükme. *Hekaýany okaň.*

### Dynjalyş günleri gutardy.

Gyş dynjalyş günleri gutardy. Çagalar oňat dynç aldylar. Okuw ýylynyň ikinji ýarymy başlandy. Çagalar uly howes bilen mekdebe gelýärler.

1.Hekaýanyň birinji sözlemini depderiňize göçiriň. Onuň üçinji sözünde näçe ses bardygyny we olaryň haýsy seslerdigini aýdyň.

2.**Dynjalyş** sözüniň manysyny sözlükden owreniň.

*höwes*

## 2-nji gönükme. Suratlary synlaň we olaryň atlaryny depderiňize ýazyň.





Ýazan sözleriňizde haýsy harplaryň bardygyny aýdyň.

**Sesi aýdýarys we eşidýäris.**
**Harpy ýazýarys we görýäris.**
**Harp sesiň ýazuw belgisidir.**

## 3-nji gönükme. Miweleriň atlaryny okaň we göçüriň.

Turkmenkultur.com

Erik, injir, üzüm, alma, nar, garaly, armyt, Ülje, şetdaly.

Göçüren sözleriňiziň her birinde näçe ses bardygyny aýdyň.

**4-nji gönükme.** **Sözlemleri okaň we göçüriň.**

# Kitaby söýüň.

Kitap siziň dostuňyzdyr. Ony arassa saklaň, ýyrtmaň. Ol size bilim berýär, sowat öwredýär. Sizi täsin zatlar bilen tanyşdyrýar.

**1.**Bu sözleriň her birinde haýsy harplaryň bardygyny aýdyň.

**2.Täsin** sözüniň manysyny sözlükden öwreniň.

**5-nji gönükme.** Bularyň nämäniň suratlarydygyny aýdyň we atlaryny depderiňize ýazvň.






Turkmenkultur.com

**6-njy gönükme.** Gök we bakja önümleriniň atlaryny okaň we göçüriň.

Pomidor, hyýar, kelem, gawun, garpyz, kädi, badämjan, sogan, sarymsak, käşir.

*Her sözde näçe harp bardygyny sözleriň üstünden ýazyň.*

*7* 5

**Nusga:** Pomidor, hyýar, ...

**7-nji gönükme.** Sözleri okaň we her iki sözdäki üýtgeşik harplary aýdyň.

| | |
|---|---|
| Bal—bol | towuk—sowuk |
| gül—gün | çörek—börek |
| düz—duz | goýun—oýun |
| söz—saz | döle—göle |
| çaý—jaý | palta—pagta |

***çoýun*** ***döle***

Turkmenkultur.com

**8-nji gönükme.** Suratlaryň atlaryny kesme harplardan





Düzen sözleriňizde haýsy harplar bar?

**Sesler iki topara bölünýärler:**
**1.Çekimliler. 2. Çekimsizler.**